# Iki gozgalaňyň arasyndaky Eýranyň saýlawlary

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iki gozgalaňyň arasyndaky Eýranyň saýlawlary IKI GOZGALAŇYŇ ARASYNDAKY EÝRANYŇ SAÝLAWLARY




Eýranly saýlawçylar hamana gozgalaň turuzýan ýaly režimiň güýjüne zarba urdy. Saýlawçylar saýlawlara gatnaşmakdan ýüz öwürdi.
Gatnaşyk derejesi boýunça resmi çaklamalaryň we hatda oppozisiýanyň çaklamalarynyň bärsinde, her iki çaklamada-da raýatlaryň aglabasynyň ýolbaşçyny diňlemeýändigini we isleglerine jogap bermeýändigini görkezýän aç-açan duýduryş bar.
Eýranyň prezidenti Ibrahim Reisiniň aýdyşy ýaly ownuk ideologiki ýa-da bähbitçil diýip boljak topardan daşgaryn bu saýlawçy blogy joşgunly hereket edýän azlyga öwrüldi.
Jemgyýetiň içindäki bu dikligine bölünişigi Eýranda uly toparyň (ýagny absolýut köpçüligiň) saýlawlara garşy gidýändigi we çäkli azlygyňam goldaýandygy bilen düşündirip bolar.
Saýlawçynyň ilkinji gozgalaňyna, ýagny eýranly şahsyň öz

režimine garşy ilkinji režimine baha berende, şu iki tapgyrdan söz açyp bolar:
Birinjisi, oppozisiýa görä 35%-iñ aşagyna düşen gatnaşyk derejesi bilen birlikde saýlawlara gatnaşyk babatdaky höwessizlik.
Saýlawlaryñ öñüsyrasy raýatlara ýüzlenen Ali Hamaneýi lapykeçlige uçradanam şu boldy.
Hamaneý «Dostlarymyzy begendiriñ, erbet dilegde gezýänleri lapykeçlige uçradyñ. Ses berme babatda ikirjiñlenýänlere aýtjak soñky sözüm şudur: ýagşylyk etmek üçin doga edip düýş görmegiñ hajaty ýok» diýdi.
Ikinji tapgyra gelenden soñ bu iki mejlis (Yslamy Şura Mejlisi we Hünärmenler Mejlisi) üçin geçirilen saýlawlarda oppozision gatnaşyjylaryñ gelen netijeleriniñ görkezijisidir.
Hasaplanmaga degişli däl edilen sesler hökmünde-de bilinýän goýbolsun edilen sesleriñ prosenti bu saýlawda üns bererlikli görnüşde artdy. Diñe Tähranda goýbolsun edilen sesleriñ sany ýarym milliona ýetdi.
Munuñ saýlawlara gatnaşmagy makul bilenlerden gelen syýasy urgudygyna söz ýom. Olar haýsam bolsa bir tarapy tutandan, hiç bir tarapa goşulmazlygy saýlap aldylar.
Mundan öñem birnäce saýlawda edilen bu jezalandyryjy ses bermeler režime garşydaş eýranly syýasy akymlaryñ saýlawçylary tarapyndan amala aşyrylan strategiki emeldi.
Şoña görä saýlawçylar oppozision herekete wekilçilik edýän kandidat ýogam bolsa, garşy ses berip, ýagny häkimiýetiñ hödürlän kandidatyna garşydaş islendik kişä bir ses berýärdi.
Bu jezalandyryjy ses berme görnüşi saýlawlary boýkot etmezligi saýlap alan möhüm saýlawçy blogynyñ syýasy pozisiýasynyñ görnetin subutnamasy boldy.




Bu blok soňky döwürlerde konstitusion ýollar arkaly üýtgeşmeleriň bolmagyny goldady. Režimiň häkimiýeti öz gysymyna almagynyň, döwletiň güýjüni we edaralaryny öz isleg-meýilleri üçin ulanmagynyň yzyndan bolup geçen lapykeçligi bilen agramly saýlawçy blogy «goýbolsun edilen ses» berenini gowy gördi.
Bu saýlaw döwresinde goýbolsun edilen sesleriň derejesiniň diýseň köp bolmagy munuň bilgeşleýin edilýändigini görkezýär. Konstitusiýany Goramak Soweti tarapyndan saýlanan, köpüsi birmeňzeş syýasy we ideologiki gurluşa eýe kandidatlaryň ýeňişlerini kepillendirme sepgidinde hakyky garşydaşlary aslynda şu goýbolsun edilen seslerdir.
Saýlawçylar blogynyň biriniň syýasy taýdan näbelli tarapa ses bermegi makul bilmegi-de syýasatçylary geň galdyrdy.
Ikinji gozgalaň bolsa, öňki prezident Muhammet Hateminiň saýlawlara gatnaşmazlygy netine düwen batyrgaý kararydyr.

Hateminiñ ses bermän oturmagy makul bilmegini režimden bölünip aýrylma, režimi reformirleme we hatda režimiñ mirasyny gorama şygarlarynyñ aňyrsyna geçen oppozisioner güýçler bilen aç-açan birikmäge tarap ädilen düýpli ädim hökmünde baha berip bolar.
Hateminiñ ses bermän oturma karary iñ uly oppozisionerleriñ we reformistik hereketiñ elitasynyñ režimden üzülip galmagyna ýa-da aýrylmagyna meñzeýär.
Örän jygba-jygly wagtda režim häzirki dini liderden soñ geçiş tapgyryndaka, reformistik hereket ýaşyl zonadan çykyp, doly pozisiýa geçdi.
Munuñ özi iki ugurly signaldyr:
Birinji signal, öñki prezident Hasan Ruhanynyñ ýolbaşçylygyndaky ylymly hereketiñ arasyndaky şärikdeşlere gönükdirilen.
Bu signalda Hünärmenler mejlisiniñ ýolbaşçylygyna kandidaturasyny goýmaga päsgelçilik döredilen Ruhana taýagy ýarpy galgatma tapgyrynyñ soñlanandygyna yşarat edilýär.
Ikinji signal ýeke-täk syýasy we ideologik struktura öwrülen sistema ýüzlenýär. Saýlawlardan soñ režimiñ, oppozisiýanyñ we raýatlaryñ arasyndaky gatnaşyk öñküsi ýaly bolmady.
Syýasy güýç we populýar güýç saýlaw bäsleşigi sebäpli çäkli ýagdaýa geldi.
Bärdäki bäsleşik biri-birine meñzeýän iki suratyñ arasyndaky ýedi tapawudy tapmak ýaly zada öwrüldi.
Mustafa FAHS.

Şenbe, 09.03.2024 ý. Publisistika